Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna
### на 1 марта 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

PUL-KARZ SYÝASATY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR
3

DURMUŞA NAZARLANAN SEPGITLER
5

HALKARA MALIÝE BAZARLARYNDA ALTYNY ULANMAGYŇ TEJRIBESI
7

MILLI BANK ULGAMYNDA DÜÝPLI ÖZGERTMELER
11

TÄZE EÝÝAMYŇ DÖWREBAP BANK HYZMATLARY
13

ÝAŞLAR ÜÇIN GIŇ ÝOL
16

MILLI YKDYSADYÝETIMIZDE IŞ ÜPJÜNÇILIGI ÝOKARLANÝAR
18

MAÝA GOÝUMLARYŇ MILLI YKDYSADYÝETDÄKI ÄHMIÝETI
21

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
23

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
25

# PUL-KARZ SYÝASATY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimizi ösdürmek boýunça alnyp barylýan düýpli özgertmeler özüniň oňyn netijelerini berýär. Munuň aýdyň mysalyny «Halkyň Arkadagly zamanasy» diýlip atlandyrylan 2022-nji ýylyň jemlerinden hem görmek bolýar.

Geçen ýylda ýurduň ykdysady ösüşini häsiýetlendirýän esasy makroykdysady görkeziji bolan jemi içerki önümiň ösüşi 6,2 göterim boldy, şol sanda senagatda 6,3 göterim, söwdada 8,9 göterim, oba hojalygynda 5,7 göterime deň boldy. Şeýle ýokary depginli ösüşiň gazanylmagy netijesinde, ýurdumyzyň baş maliýe meýilnamasynyň (býujetiň) girdeji bölegi 125,8 göterim, çykdajy bölegi 99,9 göterim ýerine ýetirildi. Gazanylan üstünlikler türkmen ykdysadyýetiniň bazar ykdysadyýeti şertlerinde üstünlikli ilerleýändigini görkezýär. Bazar, öňi bilen ähli ykdysady gurallaryň, şol sanda pul-karz syýasatynyň döwrebaplaşdyrylmagyny, ösdürilmegini we kämilleşdirilmegini talap edýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň alyp barýan pul-karz syýasaty ýurduň ykdysady syýasatynyň düzüm bölegi bolmak bilen, durnukly ösüşi üpjün etmekde möhüm orun eýeleýär. Ýurtda pul dolanyşygyny kämilleşdirmek, pul birliginiň satyn alyş ukybynyň durnuklylygyny üpjün etmek, karz serişdeleriniň elýeterliligi, ykdysadyýete gönükdirilýän karz serişdeleriniň möçberini artdyrmak, maliýe goldawynyň berilmegi netijesinde kärhanalaryň maliýe-ykdysady ýagdaýyny has-da gowulandyrmak ykdysadyýeti ösdürmekde esasy görkezijiler hasap edilýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 - 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi bank tarapyndan pul-karz we walýuta syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, täze pul-karz gurallaryny ornaşdyrmak boýunça köp sanly çäreler durmuşa geçirilýär. Şu meseleleri üstünlikli çözmek üçin dünýäniň ösen döwletleriniň banklarynyň, halkara maliýe guramalarynyň baý tejribesi öwrenilýär we ýurdumyzyň bank önümçiligine giňden ornaşdyrylýar. Ýurdumyzyň bank ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça işleriň ykdysadyýetiň ösýän isleg-talabyna laýyklykda amala aşyrylmagy pul dolanyşygynyň hereketini çaltlandyrmaga, ýokary netijeli pul-karz syýasatyny geçirmäge we milli manadymyzyň makroykdysady görkezijilere täsirini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Pul-karz syýasaty ýurduň maýa goýum işjeňligine öz täsirini ýetirýär. Çünki maýa goýumyň mukdar taýdan köpelmegi we hil taýdan täze derejä çykarylmagy milli puluň durnuklylygy, karza bolan islegiň öz wagtynda, doly derejede kanagatlandyrylmagy bilen üznüksiz baglanyşyklydyr. Milli ykdysadyýetimize gönükdirilýän karz serişdeleri yzygiderli artýar. 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna görä, bank ulgamy tarapyndan ykdysadyýete berlen karzlaryň galyndysy 7,6 göterim, hususy bölege berlen karzlaryň galyndysy 28,2 göterim, oba hojalyk önümlerini öndürijilere berlen karz serişdeleriniň galyndysy 1,3 esse, ipoteka karzlarynyň galyndysy 9,4 göterim artdy. Şu maglumatlardan görnüşi ýaly, ýurdumyzyň banklarynyň karz syýasaty täze derejelere çykýar we ykdysady ösüşe täsiri ýokarlanýar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan berilýän karzlaryň düzüminde uzak möhletli karzlaryň paýy yzygiderli artýar. Munuň özi karzyň maýa goýum syýasatynda işjeňligini artdyrmak bilen, önümçiligiň ähli ugurlaryna öňdebaryjy, ösen tehnologiýany ornaşdyrmaga, täze iş orunlaryny döretmäge we ykdysadyýeti düşewüntli dolandyrmaga zerur bolan amatlyklary döredýär.

Şu ýyl milli ykdysadyýetimize maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna 37,4 mlrd manat möçberde maýa goýum goýlar, onuň 20,8 mlrd manadyny ýa-da 55,6 göterimini

önümçilik desgalarynyň gurluşygyna, 16,6 mlrd manadyny ýa-da 44,4 göterimini bolsa durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyna gönükdirmek göz öňünde tutulýar. Munuň netijesinde, 3 müňe golaý täze iş ornuny döretmek, daşary söwda dolanyşygynyň möçberini 19,4 mlrd amerikan dollaryna, jemi içerki önümiň ösüş depginini bolsa 6,5 göterime ýetirmek meýilleşdirilýär. Jemi içerki önümde (ýangyç-energetika toplumyny hasaba almazdan) hususy pudagyň paýyny 71,3 göterime ýetirmek maksat edinilýär.

Zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň hem-de talyp haklarynyň 10 göterim ýokarlanmagy bilen, ilatyň tölege ukyplylygy artýar, ýaşaýyş-durmuş şertleri gowulanýar. Ýurtda öndürilýän önümleriň möçberiniň yzygiderli köpelmegi, olaryň hiliniň halkara talaplara laýyk getirilmegi harytlaryň diňe bir içerki bazarda geçginliligini ýokarlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, dünýä bazarlarynda hem ýokary islege eýe bolmagyny üpjün edýär. Şeýlelikde, ýurdumyzyň eksporty barha ýokarlanýar, importyň ornuny tutýan önümler özümizde öndürilýär we türkmen manadynyň kadaly hereketi üpjün edilýär.

Ýurdumyzyň ilatynyň ýarysyna golaýy oba ýerlerinde ýaşaýar. Oba ilatyna banklar tarapyndan ýeňillikli şertlerde berilýän karzlar yzygiderli artýar. Oba adamlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleri gowulanýar, maşgala girdejileri ýokarlanýar. Şu ýagdaýlary göz öňünde tutup, ýurdumyzyň bank ulgamynyň işgärleri oba ýaşaýjylary bilen köpräk duşuşyklary geçirmegi, olaryň banklaryň hödürleýän hyzmatlaryndan giňden peýdalanmagyny ýola goýmagy we maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmagy öňde duran esasy wezipeleriň biri hökmünde kesgitlediler. Bu işleriň maksadalaýyk geçirilmegi pul-karz syýasatynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrar we maksatnamalaýyn ösüşi üpjün eder.

Ýurdumyzyň bank ulgamynda sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy pul dolanyşygynda serişdeleriň aýlanyş tizligini ýokarlandyrýar, hasaplaşyklary geçirmegiň, karzy resmileşdirmegiň wagtyny gysgaldýar, pul-karz gatnaşyklarynda kada-kanunyň berjaý edilişine gözegçiligi ýola goýmaga we ýokary netijeli çözgütleri kabul etmäge mümkinçilik döredýär. Munuň netijesinde, banklaryň ýurdumyzyň ykdysady ösüşindäki orny barha ýokarlanýar, bäsdeşlige ukyplylygy artýar we banklar tarapyndan geçirilýän pul-karz syýasaty ykdysadyýetiň işjeň hereketlendiriji güýjüne öwrülýär.

Milli ykdysadyýetde sazlaşykly alnyp barylýan giň gerimli işler ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşleriniň yzygiderli ilerlemegine, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulanmagyna gönükdirilendir. Ýeri gelende aýtsak, gazanylýan bu üstünlikler barada ýaşlaryň arasynda hem yzygiderli wagyz-nesihat işleri geçirilýär. Ýakynda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda geçirilen «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary» atly maslahatda hem bu barada giňden pikir alşyldy. Çykyşlarda nygtalyşy ýaly, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşleri ylmy taýdan esaslandyrylyp, oýlanyşykly işlenip düzülen, uzak geljegi nazarlaýan maksatnamalara daýanýar. Şoňa görä-de, anyk netijeler gazanylyp, ösüşli ýol dowam etdirilýär.

**Baýramdurdy TAÝHAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we
dolandyryş institutynyň professory

# DURMUŞA NAZARLANAN SEPGITLER

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylyna» uly arzuwlar, belent maksatlar bilen gadam uran halkymyzyň mizemez ynamyna, çäksiz hormat-sylagyna eýe bolan Milli Liderimiziň paýhasyndan, hormatly döwlet Baştutanymyzyň döredijiliginiň, ýaşlygyň gujur-gaýratyndan gözbaş alýan milli ösüş syýasatynyň ajaýyp netijelerine her pursatda şaýat bolýanlygymyz döwrüň hakykatydyr. Bu hakykaty dünýä ykrar edýär.

Häzirki wagtda milli ykdysadyýetimiziň beýleki pudaklary bilen bir hatarda, bank ulgamynda hem tutumly işler durmuşa geçirilýär. Döwrebap derejede enjamlaşdyrylan bu ulgama degişli, edara binalarynyň gurlup ulanylmaga berilmegi, raýatlara ýokary derejeli bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmäge uly mümkinçilikler döredýär. Netijede, ýurdumyzyň banklary bu gün öz müşderilerine amatly, tiz we ýokary hilli hyzmatlaryň dürli görnüşlerini hödürleýär.

Ýurdumyzyň karz edaralaryna sanly ulgamyň tapgyrlaýyn ornaşdyrylmagy bilen, çalt depginli ykdysady ösüş peýda bolýar. Banklar tarapyndan uzak aralykdan, ýagny menzilara bank hyzmatlarynyň dürli görnüşleriniň işe girizilmegi hem bu ugurda esasy ädimdir. Elektron resminama dolanyşygynyň ösdürilmegi ildeşlerimize, galyberse-de, hususy telekeçilere banka gelmezden, menzilara bank hyzmatlaryny beriş ulgamy arkaly dürli hyzmatlardan, ýeňillikli peýdalanmaga mümkinçilik döredýär.





Bilşimiz ýaly, 2022-nji – «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly ýurdumyzda bolup geçen ýatdan çykmajak wakalary bilen taryha girdi. Şol buýsançly wakalaryň biri-de Ahal welaýatynyň täze, edara ediş merkezine Arkadag şäheri diýen adyň dakylmagy boldy. Gahryman Arkadagymyzyň yhlasy, hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz tagallasy bilen, gurulýan bu döwrebap şäher, geçmişde ata-babalarymyzyň Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda türkmen topragynyň gözel künjeklerinde guran meşhur şäherleriniň, galalarynyň şöhratly taryhynyň dowamyny aňladýan ajaýyp «akylly» şäher bolup, ol berkarar döwletiň güýç-kuwwatyny we ägirt uly ösüş mümkinçiliklerini bütin dünýä äşgär edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban Watanymyzda halk häkimiýetliligi baradaky milli däpler dowam etdirilýär. Halk häkimiýetliliginiň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Türkmenistanyň Halk maslahatynyň döredilmegi hem munuň aýdyň mysalydyr. Şeýle hem, Gahryman Arkadagymyzyň Milli Lider hökmünde resmi ykrar edilmegi hem aýratyn bellenilmeli taryhy wakalaryň biridir.

Golaýda Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň işini kämilleşdirmek, ösdürmek we döwrebaplaşdyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygynyň Milli merkeziniň Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Daýanç» sagaldyş-merkezinde okuw-maslahat geçirildi.

«Ösüşlere beslenen täze döwrüň buýsançly zenanlary» diýlip atlandyrylan bu okuw-maslahata Aşgabat şäherinde we ýurdumyzyň welaýatlaryndan dürli kärlerde zähmet çekýän zenanlaryň, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň geňeş we işjeň agzalarynyň, ilkinji zenanlar guramalarynyň başlyklarynyň, şeýle hem kümüş saçly mährem eneleriň ençemesi gatnaşdy.

Şu ýylyň ýanwar aýynyň 24-26-sy aralygynda geçirilen okuw maslahatyň çäklerinde Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi we Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Balkan welaýat zenanlar bölümi tarapyndan aýdym-sazly dabaralar, gezelençler, «tegelek stoluň» başynda söhbetdeşlikler we milli gymmatlyklarymyzy, el işleri bilen bezelen lybaslarymyzy şöhlelendirýän sergiler guraldy.

Medeni çärelerde zenanlaryň ýürek buýsançlaryna giň orun berildi. Olar Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ilkinji günlerinde bolup geçen syýasy we taryhy wakalar barada – Ahal welaýatynyň gözel künjeginde Arkadag şäheriniň hem-de Türkmenistanyň Milli geňeşiniň, ýurdumyzyň jemgyýetçilik wekilleriniň bilelikdäki mejlisinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilmegi, Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň başlygy wezipesine saýlanmagy we Gahryman Arkadagymyzyň türkmen halkynyň Milli Lideri hökmünde kanun tarapyndan ykrar edilmegi barada täsirli gürrüň etdiler.

Ýaňy ýakynda Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynda ýurdumyzyň karz edaralarynda zähmet çekýän zenan işgärlerimiziň gatnaşmagynda geçirilen maslahatda bolsa ýurdumyzyň ykdysady we syýasy ösüşleri, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda şol sanda bank ulgamynda ýerine ýetirilýän il-ýurt bähbitli, ýurt ähmiýetli işler barada giňişleýin durlup geçildi.

Çykyşlarda ösüşli ýurdumyzyň zenanlarynyň okamagy, döretmegi, gurmagy, zähmet çekmegi üçin ähli şertlere giň ýol açýan Milli Liderimiziň, Arkadagly Serdarymyzyň adyna zenan kalbyndan syzylyp çykýan alkyşly sözler joşgunly ýaňlandy. Şu ýerde ýene bir zady belläp geçesim gelýär. Türkmen, watanyny eziz görýär, ony başyna täç edýär. Şol watany söýýän, zähmeti bilen beýgeldýän, il-ýurda wepaly, kämil pikirli, belent ruhly nesilleri ösdürip kemala getirmekde, terbiýeläp ile goşmakda Mähriban enelerimiziň, Siziň, örän uly paýyňyz bardyr. Bu hakda Milli Liderimiz ine şeýle diýýär: «Hormatly zenanlar! Maşgala agzybirliginiň we rowaçlygynyň açary – siziň eliňizdedir! Maşgala sazlaşygy bolsa, biziň jemgyýetimiziň kämilliginiň iň esasy kepilidir».

Milli Liderimiziň zenanlarymyzyň maşgalada, jemgyýetde tutýan orny hakynda aýtmak bilen olara, jemgyýeti kämilleşdiriji güýç hökmünde garaýar. Goý, gadymdan gelýän pederlerimiziň milli däp-dessurlaryna ýugrulan, päk ahlakly, iň ýagşy gylyk-häsiýetleri özünde jemlän serwi kamatly, bahar gülleri kimin mylaýym, kalby mähir-muhabbetden doly käbelerimiziň, uýalarymyzyň, gelin-gyzlarymyzyň at-abraýy, şan-şöhraty dünýä gezsin!

Milli ykdysadyýetimizi durnukly ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini, has-da ýokarlandyrmak ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Milli Lider Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, Belent başlary aman bolsun! Alyp barýan beýik il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Bägül ÇERKEZOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Zenanlar guramasynyň başlygy

# HALKARA MALIÝE BAZARLARYNDA ALTYNY ULANMAGYŇ TEJRIBESI

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi durnukly ösdürmekde kämil maliýe infrastrukturasyny döretmek ugrunda halkara maliýe-bank ulgamynyň soňky innowasion tejribelerini öwrenmek we ornaşdyrmak wajyp bolup durýar.

Häzirki döwürde dünýä maliýe bazarlarynda süýşürintgileri maýa goýumlara öwürmegiň birnäçe amatly görnüşleri hereket edýär. Bu usullaryň iň gadymy usuly hökmünde süýşürintgileriň gymmat bahaly metallara maýa goýmak usuly hasaplanýar.

Ykdysady mazmuny boýunça süýşürintgi we maýa goýum düşünjeleri biri birine örän golaý düşünjeler. Sebäbi süýşürintginiň eýesi onuň gymmatynyň artdyrylmagyna höwesli bolýar we amatly ugry gözleýär. Ýagny, altyn XX asyryň 80-nji ýyllarynda maliýe bazarlarynda aýlanşyk we töleg serişdesi hökmünde ulanmasyny bes edendigine garamazdan, gadym eýýämden bäri däbe görä süýşürintgileri maýalaýyn ýerleşdirmekde amatly gural hasaplanylýar. Sebäbi altyn ýokary likwidli haryt we maliýe aktiw hökmünde asyrlar boýy özüni ykrar edip gelýär.

Ygtybarly ätiýaçlandyryş aktiwi hökmünde altyna goýum goýmaklyk gadymy döwürlerden bäri dowam edip, ol aýlanşyk we töleg serişdesi hökmünde wezipelerini durnukly ýerine ýetirip gelýär. Häzirki wagta çenli gadymy däplere görä altyn bazarlary haryt däl-de, maliýe bazarlaryna ýanaşykly ýagdaýda işlemesini dowam etdirýär. Soňky ýyllarda altynyň bahasy yzygiderli ýokarlanýar, diňe hökümetler, banklar däl, eýsem kompaniýalar, şahsy taraplar hem altyny örän amatly maliýe aktiwi diýip hasap edýärler.

Halkara tejribede täjirçilik banklary üçin süýşürintgileri altyna we beýleki gymmat bahaly metallara maýa goýmak bilen bagly hyzmatlary kapitaly jemlemegiň we maýa goýuma öwürmegiň ygtybarly görnüşi hasaplanýar. Bu amallar altyn, kümüş, platina topary boýunça metallary (palladiý, osmiý, iridiý, ruteniý, rodiý), ýokary şahadatnama bilen tassyklanan, möhürlenen (999,9) guýma, teňňe we zer görnüşinde hödürlenilýär.

Banklar guýma altyn we kümüş metalyny dürli halkara standart ölçegler boýunça (lýan, tola, 10 unsiýa, 10 gr., 1 unsiýa) we ähli goşundylardan arassalanan görnüşde satuwa hödürleýärler. Isleg derejelere görä olar dürli mukdarda bolup bilýär. Iri we uzak wagta goýýan maýadarlara uly guýmalar hödürlenýär. Guýma tokgalaryň agramy artdygyça, onuň gramynyň bahasy peselýär. Şahsy taraplara kiçi guýmalar hödürlenýär. Guýma altyn, kümüş söwdasy bilen bagly amallary bank berk gözegçilikde saklaýar we degişli şahadatnama bilen tassyklaýar. Bu şahadatnamany onuň eýesi satyp ýa-da sowgat edip bolýar. Müşderi bankyň öýjüginde (ýaçeýkasynda) metal guýmalaryň saklanýanlygy üçin tarif boýunça töleg geçirýärler. Satyn alnan gymmat bahaly metallary banklaryň ýörite metal hasabynda ýa-da öýde saklap bolýar.

Gymmat bahaly metal tokgalaryň söwdasy maliýe bazarynyň düzümine girýän ýörite altyn bazarlarda geçýär. Girdeji almaklyk üçin bu aktiwiň eýeleri onuň bazar bahasynyň ep-esli ýokarlanmagyna garaşmaly bolýar. Altyn guýmalar haryt bolup durýar, şol sebäpden satyn alynanda aksiz tölegi, satylan mahaly bolsa girdeji salgydy tölemeli bolýar. Bu bolsa guýma altynyň bahasyny has hem gymmatladýar. Şol sebäpden bank işgärleri şahsyýetsiz metal hasabyny açmaklygy maslahat berýärler.

Müşderä altyn ýa-da beýleki metallary diňe özüne degişli bölegini satyn almaklyga mümkinçilik berýän anonim metal hasabynyň açmak usulynyň aýratynlygy bolýar. Hasap açylanda arassalanan guýma altyn eýesine berilmeýär we şol sebäpden ol girdejili bolýar

ýagny onuň saklamak, ekspertiza, salgyt tölemek çykdajylary bolmaýar. Bu usul gymmat bahaly metallara pul goýmagyň iň amatly usuly hasaplanýar.

Anonim metal hasaby gymmat bahaly metalyň müşderä degişli bolan bölegi (gramda) babatda hiç hili öndürijisi, belgisi barada maglumat bolmazdan onuň hereketlerini görkezýän hasapdyr. Bu hasap bilen islendik amallary ýerine ýetirip bolýar: hasaby doldurmak, gaýtarmak, dürli geçirimleri geçirmek. Şeýle hasabyny açmak bilen müşderi islendik wagty banka ýüzlenip, gymmat bahaly metaldan öz paýyny hereket edýän nyrhda satyp bilýär. Emma bu depozit goýum hasaplanylmaýar we döwlet goýum ätiýaçlandyryş maksatnamasyna girmeýär. Şonuň üçin kiçi banklarda şeýle goýum açylanda töwekgelçilikli bolýar. Egerde bank goýumynda müşderi belli bir möhletiň şertlerini ýerine ýetirmek bilen göterim alýan bolsa, metal hasabyny açmakda girdeji maýa goýujynyň aktiwiniň haýsy amatly wagtda satýandygyna bagly. Amatly satuw ýagdaýynyň haçan boljakdygyny seljermek we belli bir guýma metal görnüşiniň haýsynyň ýokarlanjakdygyny çaklamak kyn bolýar. Maýadar ýokary girdeji gazanmaklyk üçin nyrhlaryň ýokary derejä ýetmegine garaşmaly bolýar. Şeýlelikde bu maýa goýumyň ýakyn wagtda ep-esli girdeji getirjekdigine kepil geçip bolmaýar.





Gymmat bahaly metal teňňelerine maýa goýmaklyk ygtybarly hasaplanýar. Sebäbi olar çäkli mukdarda öndürilip bahanyň üstüne (kolleksiýa) bahasy hem goşulýar. Bu maýa goýum diňe uzak wagtdan soň girdeji getirip biler. Adatça gymmat bahaly teňňeleri ýadygärlik ýa-da sowgat hökmünde satyn alýarlar. Altyn depoziti açmagyň girdeji bolmagynyň goşmaça sebäpleri bu altynyň bazar nyrhynyň gündelik üýtgemegi bilen baglydyr. Kotirowkalar baradaky maglumatlary banklaryň ýa-da maliýe guramalarynyň web sahypalarynda görüp bolýar. Bu üýtgeşmeler maýa goýum teňňelerine hem täsir edýär.

Dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinde maýadarlar tarapyndan maýa goýum bukjasyny diwersifikasiýalaşdyrmak üçin gymmat bahaly metallar giňden ulanylýar. Gymmat bahaly metallara maýa goýulmagy maýadar üçin gorag guraly ýaly çykyş edýär. Bu bukjada altyn, kümüş, platinum ýaly metallar saklanylýar. Gymmat bahaly metallara maýa goýmak çökgünlik döwründe has hem amatlydyr. Kümüşiň, platinanyň, altynyň bahasy kem-kemden ýokarlanýar, bu bolsa maýa goýumlaryň girdejililigini we ygtybarlylygyny artdyrýar.

Gymmat bahaly metallarda goýumlar açylanda, metalyň bazar bahasyna üns bermek wajyp, sebäbi gysga möhletde onuň gymmaty peselip bilýär. Bu ýagdaýda müşderi süýşürintgileriniň belli bir bölegini ýitirip bilýär. Şol sebäpden gymmat bahaly metallara süýşürintgileri uzak möhletleýin goýmak maslahat berilýär.

Altyn guýmany öýde ýa-da bank gutusynda saklamak hökman däl. Käbir banklar olary goýum hökmünde kabul edýärler. Daşary ýurt banklarynda ýörite «altyn goýum» atly goýumyň görnüşi hereket edýär. Bu goýuma şahsy we ýuridiki taraplar gymmat bahaly metallara maýa goýýarlar. Bu goýumyň iki görnüşi ulanýar:

Birinji ýagdaýda müşderi gymmat bahaly metaly banka satýar ýa-da bankdan satyn alýar we ony goýuma goýýar. Goýumyň möhleti tamamlanmagy bilen müşderi guýma altynyny we göterimini kiçiräk guýma altyn görnüşinde ýa-da pul görnüşinde yzyna alýar.

Ikinji ýagdaýda müşderi nagt görnüşinde altyn goýumyna pul serişdesini goýýar. Goýlan

pul serişdesi altynyň gramynyň nyrhyna görä konwertirlenýär we goýum hasabyna geçirilýär. Goýumyň möhleti tamamlanan soň ters amal bolup geçýär. Ýagny gymmat bahaly metal işlenen göterim möçberinde pul serişdesine öwrülýär.

2017-nji ýyldan Gazagystanyň Milli banky tarapyndan ilata gymmat bahaly metallary satmak we satyn almak amallaryna girişdi. Gazagystanyň banklary tarapyndan müşderilere altyn, kümüş, platina we palladiý metallary satylyp we satyn alynyp başlandy. Her bir guýma altyn gorag elementleri bilen enjamlaşdyryldy we zeperlerden goraýan ýörite gaplama ýerleşdirildi. Banklar tarapyndan 1, 20, 50 we 100 gram ölçegdäki altyn guýmalar hödürlenildi we sekiz aýyň dowamynda guýma altynyň bahasy 8% ýokarlandy. Bu bolsa müşderileriň ünsüni has hem özüne çekdi. Häzirki wagtda Gazagystanyň täjirçilik banklary tarapyndan altyn guýmalary ilata hödürlenilýär. Banklaryň esasy höweslendirmesi ilkinji nobatda depozit goýumlaryna garanyňda ortaça 2 esseden pes nyrhlardan pul çekip boljakdygy bilen baglanyşyklydyr. Emma käbir banklar satylan guýma altyny yzyna almaklyga kepillik bermeýär.

2018-nji ýyldan başlap Özbegistan döwletiniň Merkezi banky tarapyndan taslama görnüşinde altyn we kümüş ýadygärlik teňňeleri täjirçilik banklarynyň şahamçalarynda nagt we nagt däl görnüşde satuwa çykaryldy. Taslama halkara tejribesini göz öňünde tutup, ilatyň süýşürintgileri maýa goýumlara öwürmek mümkinçiliklerini giňeltmek, şeýle hem gymmat bahaly metallar bazary ösdürmek maksadyny göz öňünde tutýar. Satuwa 1994-2009-njy ýyllarda 1,9 müň altyn we 6,9 müň kümüş teňňeleri satuwa hödürlendi we raýatlar tarapyndan ählisi ýokary isleg bilen satyn alyndy. Mundan başgada häzirki wagtda Özbegistanyň täjirçilik banklary raýatlara altyn we kümüş guýmalaryny satmak we satyn almak hem-de şahsy däl metal hasabyny açmak hyzmatlary hödürleýärler.

Russiýanyň banklarynda iň meşhur maýa goýum teňňeleri 1975-1982-nji ýyllarda «gyzyl onluk» hemde 1995-nji ýylda «Sobol» kümüş teňňesi çykaryldy. Häzirki wagtda Russiýanyň banklary her ýyl maýa goýum teňňeleriniň dürli görnüşlerini raýatlara maýa goýum hökmünde hödürleýärler. Şaýy pullarynyň dolanşygynyň esasy bölegi Russiýanyň «Süýşürintgi banky» tarapyndan satylýar. Bankdan guýma metal satyn alynanda metalyň nominal bahasynda 18 göterim goşulan baha üçin salgydy we satylan mahaly gazanylan girdejiden 13 göterim girdeji salgydy tölenilýär. Emma käbir metallara salgyt ýeňillikleri göz öňünde tutulan ýa-da düýbünden boşadylan. Şeýlelikde guýma altyn satyn almagyň iň aňsat usuly bolanyna garamazdan, onuň çykdajylary girdejiligini peseldýär. Häzirki wagtda Russiýanyň banklarynda gymmat bahaly metallary satyn almagyň we satmagyň, şeýle hem metal hasaplaryny açmagyň onlaýn görnüşleri meşhurlyga eýe boldy.

Halkara tejribede gymmat bahaly metallara maýa goýmak bank depozitlerine maýa goýmagyň alternatiw usuly bolup durýar. Ýurdumyzda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan altyn we kümüş şaýy pullaryndan durýan ýadygärlik teňňeleri çykarylýar. Şaýy pullar Beýik Britaniýanyň «The Royal Mint» zikgehanasy tarapyndan ýasalyp, olaryň «pruf» hilini kepillendirýän Türkmenistanyň Merkezi bankynyň sertifikaty goşulýar. Şaýy pullar baýramçylyklara mynasybetli çykarylýar we ýadygärlik hökmünde sowgat berilýär.

Ýokarda aýdylanlardan netije çykarylanda, bankyň gymmat bahaly metallaryna maýa goýmaklyk iň durnukly we netijeli usullaryň biri bolup durýar. Maýadarlar üçin bolsa, bank depozitlerine we gymmatly kagyzlara resmi maýa goýmak ugurlaryndan daşary ýenede bir alternatiw ugur emele gelýär we maýa goýmakda saýlama mümkinçilikleri artýar. Şeýle bolsada gymmat bahaly metallara maýa goýmagyň oňaýsyz taraplary hem bar: ýokary töwek-

gelçilikli, ýokary salgyt, guýma altynyň ýasama bolmagy, bazar nyrhynyň düşmegi we ş.m.

Gymmat bahaly metallara maýa goýmagyň özüne çekijiligi, has hem çökgünlik döwründe ýokarlanýar. Ýagny pula maýa goýumlar bilen deňeşdirilende gymmat bahaly metallaryň satyn alyjylyk ukybynyň hemişe ýokary bolmagynda galýar. Maýa goýmagyň bu usuly maýa goýum bukjasyny giňeltmek we erkin pul serişdelerini maýa goýumlara öwürmek isleýän raýatlar üçin amatlydyr. Altyn bazary maliýe bazarynyň aýrylmaz düzümi bolýar. Ähli halkara maliýe merkezlerde, daşary ýurt pul bazarlarynyň bir ýany altyn bazarlara direýär.

Ýakyn gelejekde Merkezi Aziýa ýurtlaryň ykdysadyýetleri doly bazara geçmek bilen, bazar infrastrukturasynyň we döwrebap telekeçiligiň ösüş derejeleri kemala getirilen ýagdaýda, bu sebitde ähli düzümleri bilen halkara maliýe bazary, şol sanda hem altyn bazary hem emele getiriler we maýa goýum alternatiw ugur we ätiýäçlandyryş usul hökmünde ilat arasynda uly gyzyklanma döreder.

**Akjemal BURUNOWA,**
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň dosenti, y.y.k.

**Gunça TAGANOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň
«Bank işi« kafedrasynyň aspiranty

# SELJERIŞ MAKALALARY

## MILLI BANK ULGAMYNDA DÜÝPLI ÖZGERTMELER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» diýlip atlandyrylan ýyly ýurdumyzda ýaşlar syýasatynyň has-da dabaralanmagynyň alamatynyna öwrüldi. Bu bolsa döwlet syýasatynyň özboluşly ugry hökmünde ýaş nesilleriň mümkinçiliklerini giňden açmagyny, olaryň ylymly-bilimli, sagdyn, giň dünýägaraýyşly, ökde hünärmenler bolup ýetişmeklerini nazarda tutýar. Ýaş nesillerimiz ýurduň özgertmelerini döwrebap derejede mynasyp dowam etdirmekleri täze eýýamyň möhüm wezipeleriniň hatarynda durýar.

Ýurdumyzda ýaşlar syýasatynyň ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerine, häzirki zaman jemgyýetçilik talaplaryna laýyklykda mynasyp durmuşa geçirilmegiý döwlet dolandyrylyşynda ýaş nesliň ähli babatda uly ornunyň bolmagynda aýratyn many-mazmuna eýedir. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, türkmen ýaşlarynyň giň gözýetimli, ösen tehnologiýalardan baş çykarýan hünärmänler bolup ýetişmekleri alnyp barylýan işleriň esasy maksady bolup durýar. Şu nukdaýnazardan milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynda, şol sanda ýangyç-energetika, ulag we aragatnaşyk, oba hojalygy, şeýle hem maliýe-bank ulgamynda we beýleki pudaklaýyn ugurlarda zehinli, başarnykly ýaşlaryň zähmet çekmeginiň ileri tutylýan işleriň hatarynda durýandygyny bellemek bolar. Ýaşlaryň durmuş üpjünçiliginde ýurduň banklarynyň, şol sanda Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň ýerine ýetirýän hyzmatlaryny hem bellemek bolar. Häzirki wagtda şeýle mümkinçilikleriň hatarynda durmuş guran ýaş maşgalalar üçin ýeňillikli karzlaryň berilmegi dowam etdirilip, 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna ýaş maşgalalara ipoteka maksatly berlen ýeňillikli karzlaryň galyndysy 49 531,8 müň manat, zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak maksatlary üçin berlen karzyň galyndysy 12 056,4 müň manat bolup durýar.






Mundan başga-da Türkmenistanyň raýaty bolan ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara degişli okuwyň bahasyny tölemek üçin gaýtadan dikeldilýän karz ugry boýunça karzlary bermeklik hem dowam etdirilip, 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna talyplaryň bilim almak maksatlary üçin berlen karzlaryň galyndysy 1 266,4 müň manada deň bolup durýar.

Bankymyz daşary ýurt banklary bolan «Commerzbank» hem-de «Deutschebank» bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk saklaýar, häzirki wagtda daşary ýurtlaryň ýokary okuw jaýlarynda bilim alýan talyplaryň okuw tölegleri şeýle hem, Visa we MasterCard halkara kartlaryna degişli tölegleri geçirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň bank ulgamyny ösdürmek boýunça durmuşa geçirilýän özgertmeleriň esasy maksady – banklaryň işjeňligini ösdürmäge ýardam berýän kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul etmekden, häzirki zaman innowasion tehnologiýalarynyň ornaşdyrmagy arkaly ýerine ýetirilýän bank amallarynyň görnüşlerini köpeltmekden

hem-de hilini ýokarlandyrmakdan, döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» kabul edilmegi ýurdumyzyň bank ulgamynyň depginli ösüşini üpjün etmekde wajyp orny eýeleýär. Bu bolsa ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm ugry bolan bank ulgamyny çalt depginler bilen ösýän ulgamlaryň birine öwürdi.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek esasynda jemi içerki önümiň jan başyna düşýän möçberi babatda Türkmenistanyň girdejisi orta derejeden ýokary bolan ýurtlaryň hatarynda bolup, pul-karz, salgyt-býujet, nyrh emele getiriş, maýa goýum syýasaty netijeli amala aşyrylýar. Raýatlarymyzyň ýaşaýyş – durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berilýän ýeňillikli ipoteka karzlarynyň, şeýle hem beýleki maksatly karzlaryň möçberleri yzygiderli artdyrylyp, maliýe-bank hyzmatlary kämilleşdirilýär. Halkara maliýe guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlyk ösdürilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň önümçilik maksatly ugurlaryny ösdürmäge gönükdirilýän karz serişdeleriniň möçberini artdyrmaga, kiçi önümçilikleri höweslendirmäge, ilat üçin karz-maliýe serişdeleriniň möçberini köpeltmäge, karz göterimleriniň mundan beýläk-de, elýeterli bolmagyny gazanmaga, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýär.

Ýurdumyzyň milli bank ulgamynda amala aşyrylýan işleriň netijesinde karz edaralarynyň kanunçylyk-hukuk binýady kämilleşdirilýär. Milli ykdysadyýetimizi maksatnamalaýyn ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin bank işjeňligi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda gurnalýar, esasan hem müşderilere hödürlenýän bank önümleri diwersifikasiýalaşdyrylyp, dünýä banklarynyň iş tejribelerine laýyklykda täze hyzmatlar yzygiderli bank işjeňligine girizilýär. Pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň gerimini giňeltmek hem-de halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Şu nukdaýnazardan ýurdumyzyň prosesing merkezinde hasaba alnan bank kartlarynyň, ornaşdyrylýan terminallaryň, bankomatlaryň sany hem-de «Internet bank», «Mobil bank» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberleri barha artýar.

Sanly tehnologiýalaryň ösmegi, pul dolanşygynda serişdeleriň aýlanyş tizliginiň ýokarlanmagy hasaplaşyk usullarynyň kämilleşmegine mümkinçilik berýär. Bazar gatnaşyklarynda karz edaralary tarapyndan müşderilere hödürlenilýän nagt däl hasaplaşyklar boýunça bank hyzmatlarynyň ähmiýeti uludyr. Bank hyzmatlarynyň has kämil görnüşleriniň girizilmegi, daşary ýurt tejribesiniň düýpli öwrenilip, ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrylmagy hyzmatlaryň döwrebap görnüşleriniň döremegine, bank ulgamynyň müşderileriniň sanynyň yzygiderli artmagyna hem-de, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Türkmenistanda sanly ykdysadyýetiň kemala gelmegi we düýpli ornaşmagy jemgyýetçilik durmuşynda we maliýe işinde maglumat we sanly serişdeleriň ähmiýetiniň güýçlenmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga we ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Aýgözel ILMYRADOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Daşoguz» şahamçasynyň hünärmeni

# TÄZE EÝÝAMYŇ DÖWREBAP BANK HYZMATLARY

Häzirki döwrüň beýik özgertmelerine mynasyp gadamyny goşýan Berkarar döwletimizde halk hojalygynyň ähli ulgamlarynda depginli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Bu bolsa, ilkinji nobatda, döwrüň talaplaryndan ugur alyp, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan parasatly syýasatynyň esasynda halkymyzyň bähbidini nazarda tutýar. Bu işleriň many-mazmunyny döwlet Baştutanymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr, döwlet diňe halky bilen döwletdir» diýen ýörelgesiniň esasynda yzygiderli amal edilýän işler, şeýle-de merdana halkymyzyň ýürek buýsanjyndan kemal tapýan zähmetsöýerligi aýdyň görkezýär.

Ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi goldamak hem-de önüm öndürijileriň taslamalaryny maliýeleşdirmek ugrunda geçirilýän degişli işlerde hem ýaşlar syýasatynyň giň dabaralanmasyny görmek bolýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak boýunça syýasatyny durmuşa geçirmek maksady bilen, häzirki döwürde bank ulgamy tarapyndan ýeňillikli karzlar we daşary ýurt maliýeleşdiriş çeşmeleriniň birnäçe görnüşleri bilen ýurdumyzyň hususy ulgamynyň gatnaşyjylary üpjün edilýär. Milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň isleglerini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň we hyzmatlaryň sany yzygiderli artdyrylýar.

Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak maksatnamasyna laýyklykda, maýa







goýum taslamasynyň uly möçberini karzlaşdyrmak göz öňünde tutulyp, telekeçilere karz serişdeleri berilýär. Degişli karzlar senagat önümleriniň önümçiligini ösdürmek, guramany giňeltmek, täzeden guramaklyk we enjamlaşdyrmak, gurluşygy we gurluşyk materiallar senagatyny ösdürmek, ulag hem-de aragatnaşyk ulgamlaryny we maglumatlar tehnologiýasyny (IT) ösdürmek, ilata edilýän hyzmatlar pudagyny ösdürmek, syýahatçylyk hyzmatlaryny ösdürmek, halk çeperçilik senetleriniň we amaly sungatyň önümlerini öndürmek, şeýle hem, Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän beýleki telekeçilik işleriniň innowasion taslamalaryny ýerine ýetirmek maksatlary üçin ýetirilýär. Bu bolsa telekeçiligiň ýola goýulmagynda, ösdürilmeginde örän wajyp maýa bolup hyzmat edip biler.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda häzirki zaman isleglerine we zerurlyklaryna görä oňyn özgertmeleri başdan geçiren «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde ýaşlaryň telekeçiligini ösdürmegiň usullaryny işläp taýýarlamagyň hem-de telekeçiler tarapyndan döredilen, düzüminde zähmet çekýän iş-

gärleriniň 75 göterimi ýaşlardan ybarat bolan we «ýaşlar kärhanasy» diýlip atlandyrylýan kärhanalara döwlet goldawyny bermek boýunça ýeňillikleriň göz öňünde tutulandygyny belläp geçmelidiris. Şunda ýakyn geljekde telekeçilige goldaw bermek babatda ýetiriljek ýeňillikleriň täze taslamalaryň binýadyny goýjakdygyny ynamly aýtmak bolar.

Öňde goýlan umumy jemgyýetçilik wezipelerini durmuşa ornaşdyrmagyň derwaýys tarapy Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan işinde, hyzmatlary we amallary babatda-da beýanyny tapýar. Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösüşinde ýurdumyzdaky banklaryň, olaryň hödürleýän hyzmatlarynyň aýratyn ähmiýete eýedigini bu ugurda alnyp barylýan işler we ondan gelip çykýan netijeler aýdyň görkezýär. Bank amallarynyň we hyzmatlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy, oňa jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has ýeňilleşdirýän hyzmatlaryň, sanly resurslaryň ýerleşdirilmegi bolsa bank ulgamynyň häzirki zaman ösüş ugrunyň esasyny düzýär.

Bu günki günüň ýokary derejede ösýän maliýe-bank ulgamynyň nukdaýnazaryndan sanly ulgamyň esasy döwrebap ýörelgeleriň biri bolup durýanlygy ýurdumyzda häzirki zaman şertleri özünde jemleýän maliýe-bank ulgamynyň kemala gelmegini şertlendirýär. Banklar tarapyndan nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak hem-de innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak maksatlary dünýä tejribesiniň iň giňden ýaýran taslamalary boldy. Şu ugurdaky başlangyçda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «VISA» halkara töleg ulgamy, «Milli VISA karty», «Owerdraft karty» ýaly bank kartlary döredildi, şeýle-de sanlylaşdyrmak işlerinde «Elektron söwda», «Internet bank» hyzmatlary ýola goýuldy.

Ýakynda bolsa müşderileriň islegini kanagatlandyrmak, bankyň hödürleýän hyzmatlarynyň sanyny artdyrmak, internetiň üsti bilen tölegleri geçirmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak hem-de tölegleri geçirmek bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen, bankda «VISA Virtual» atly täze bank karty girizildi. «VISA Virtual» halkara bank kartynyň hasaby diňe daşary ýurt pulunda açylyp, ol erkin aýlanýan puluň çäklerinde serişdeleriň gelip çykyşyny talap etmezden, fiziki şahsyň daşary ýurt pulundaky serişdeleriniň hasabyna nagt görnüşinde we gelip çykyşy diňe öz serişdeleri bolan nagt däl görnüşinde doldurylýar. Şeýle hem, bir müşderiniň bu halkara bank kartlarynyň sany çäklendirmesiz bolup biler. Bankyň öz içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy, şunuň bilen birlikde, banka tarapyndan dünýäniň ykdysady ulgamy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň çäklerinde täzeçil ýörelgeleriň girizilmegi onuň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigine güwä geçýär.

Geljegi uly ugurlarynyň biri bolan döwrebap tehnologiýalary, şol sanda töleg kartlarynyň onlaýn usuldaky işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usullaryny giňden ornaşdyrmak bankyň alyp barýan işiniň möhüm bölegidir. Sanly ulgamyň esasy şertleriniň biri bolan resmi web saýtynyň dolandyrylyşynda müşderileriň zerur bolan ýagdaýlaryň aglabasynda onlaýn tölegleri ýerine ýetirmegi, islendik bank amaly barada örän düşnükli gözükdirme almagy, bu ýerde uzak aralykdan habarlaşmak mümkinçilikleri göz öňüne tutulýar. Sanly taslamalar bilen kämilleşdirilýän bank ulgamy resmi web saýtynda bu ugurda häzire çenli ýola goýlan sanly hyzmatlarynyň köpüsini ulanmaga mümkinçilik berýär.

Internet bank ulgamynyň milli tejribede giňden durmuşa geçirilmegi bank hyzmatlaryna bolan islegleriň dessin, hiç ýere gitmezden islendik ýerden peýdalanyp bilmek görnüşinde ýerine ýetirilmegine getirdi. Häzirki wagtda Ýer ýüzünde giňden ýaýbaňlandyrylan ýörelge hasap edilýän ykdysady pudaklaryň sanlylaşdyrylmagy, ýagny degişli edara-kärhanalaryň işini sanly görnüşe geçirmek, onlaýn salgylanmalaryň mukdaryny artdyrmak bilen işleri görnetin

ýeňilleşdirmek ugrunda işler dowam etdirilýär. Bu meselede bankyň halkara ykdysady ulgamyndaky işjeňligini yzygiderli ýokarlandyrmagy-da täzeçil çemeleşmeleri durmuşa geçirmegine esas döredýär.

Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegi onuň ulag we ýangyç-energetika, senagat, söwda, oba hojalygy, gurluşyk we beýleki pudaklarynda we hyzmatlar ulgamynda öndürijilikli netijeleriň günsaýyn artmagyna esaslanyp, häzirki wagtda bu ugurlar depginli ösdürilýär. Şunlukda bolsa ýurdumyzyň ykdysady ösüşi ýokary derejedäki serişde mümkinçiligi, islegleriň durnuklylygy, şeýle hem ýurdy ösdürmegiň nebit-gaz, ulag we kommunikasiýa, ýangyç-energetika ýaly ileri tutulýan ugurlara gönükdirilýän köp mukdardaky maýa goýumlary bilen üpjün edilýär.

Bu mümkinçilikleriň açylmagynda we ähli pudaklaryň işiniň ilerlemeginde daşary ýurtly maýa goýujylaryň hyzmaty uly bolup, olar ýurdumyzda köp sanly iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşýarlar. Bu ugurda milli eksport-import we eksport ätiýaçlandyryş gulluklary bilen hyzmatdaşlykda Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Hytaýyň, Koreýanyň, Eksport-Import banklary, Germaniýadaky Germes, Koreýanyň K-SURE, Şweýsariýanyň SERV, Italiýanyň SACE we Beýik Britaniýanyň UKEF eksport karz agentlikleri bilen işewürlik, hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy. Bu bolsa öz nobatynda milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda taslamalary maliýeleşdirmegiň zerur çeşmelerini kesgitleýär.

Umuman, bank ulgamynyň häzirki zaman tendensiýalary milli maksatnamalar esasynda tapgyrlaýyn durmuşa geçirilip, oňyn netijelerini hem berýär. Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna laýyklykda, onda göz öňüne tutulýan meseleleriň, has takygy halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşyny, ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, durmuş hem-de medeni mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen bagly wezipelere, şol sanda raýatlara has amatly we ýeňillikli hyzmatlary ýetirmeklige, şeýle-de ýurdumyzyň maýa goýum syýasatyny ösdürmeklige uly orun berilýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky

## SELJERIŞ MAKALALARY

# ÝAŞLAR ÜÇIN GIŇ ÝOL

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda häzirki wagtda ýurdumyzda ýaş raýatlaryň öz ukyp-başarnyklaryny açyp bilmekleri, ýokary we ýörite okuw mekdeplerinde bilimlerini kämilleşdirmekleri ugrunda maksada gönükdirilen meýilnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu ugurdaky alnyp barylýan işlere ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamy hem işjeň gatnaşýar.

Ýurdumyzyň geljegi hasaplanýan ýaşlaryň ählitaraplaýyn giň gözýetimli, döwrebap pikirlenýän, ýokary derejeli hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin döwletimiz tarapyndan ähli zerur bolan mümkinçilikler döredilýär. Bilşimiz ýaly, soňky ýyllarda ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerinde tölegli bölümleriň açylmagy karz edaralaryň öňünde birnäçe meseleleri goýdy. Şol bir wagtda ýurdumyzyň çäginde tölegli esasda bilim alýan talyplara okuw tölegi babatynda ýardam bermek üçin täze hyzmatlaryň dolanyşyga girizilmegine ýol açdy.

Türkmen ýaşlary hakynda şeýle giň gerimli işleriň ýaýbaňlanýan döwründe Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan hem degişli meýilnamalar durmuşa geçirilýär. Şolaryň esasynda bolsa, döwletiň ýaş raýatlary, ýaş maşgalalarydyr bagtyýar talyplary üçin dürli görnüşli bank hyzmatlary işlenip düzülýär. Bank tarapyndan pul-karz syýasatyny ösdürmek, raýatlara hödürlenýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak we hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda berkeýän bazar gatnaşyklarynyň we giň gerimli özgertmeleriň netijesinde banklaryň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny üpjün etmäge «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» uly goşant goşýar. Ýurdumyzyň bank ulgamynyň ygtybarlylygynyň ep-esli ýokarlandyrylmagy şol maksatnamanyň doly durmuşa geçirilmeginiň esasy netijesi bolup durýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda bankymyz tarapyndan ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny ösdürmekde, daýhanlaryň we hususy ýer eýeleriniň döwlet tabşyrygyna degişli önümleri öndürmek boýunça önümçilik harajatlarynyň maliýeleşdirmekligi we maliýe hasaplaşyk hyzmatlaryny etmekligi bank gulluklarynyň üsti bilen amala aşyryldy. Şol bir wagtyň özünde bankyň maliýe durnuklylygyny gazanmak, agrosenagat toplumyna degişli pudaklaryň edara-kärhanalarynda ykdysady ösüşlere goldaw bermek, milli puluň dolanyşygyny çaltlandyrmak we onuň hümmetini ýokarlandyrmak boýunça çeýe pul-karz syýasaty alnyp barylýar.

Bank işini kämilleşdirmek, hususan-da karzlaryň berlişiniň möhüm ugurlaryny kesgitlemek boýunça alnyp barylýan işler bank işini guramaga häzirki döwrüň ykdysady ýagdaýlaryny hem-de döwlet ösüşiniň geljegini göz öňünde tutup, innowasion taýdan çemeleşmegiň zerurdygyny belleýän hormatly Prezidentimiziň hemişe üns merkezinde durýar. Umuman, nagt däl hasaplaşyga tapgyrlaýyn geçilýän şertlerde bankymyz tarapyndan hyzmatlaryň täze, döwrebap görnüşlerini müşderilere yzygiderli hödürleýär. Şolaryň biri-de, bankyň ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen hödürleýän «Talyp karzy» bank karzydyr. Hyzmata laýyklykda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplarymyzyň okuw tölegleri üçin 42 müň manada çenli karz serişdeleri berilýär.

Ýurdumyzda ýaşlary goldamak, durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üç ýyl möhlete, ýyllyk 1 göterim bilen 20 000 manada çenli möçberde ýeňillikli karz serişdeleri berilýär. Şeýle hem täze ýaşaýyş jaýyny (öýi) satyn

almak üçin, ýagny gozgalmaýan emläk üçin hem karz serişdeleri hem berilýär.

Bank tarapyndan öý goşlaryny satyn almak boýunça berilýän karzyň göteriminiň ujypsyz mukdarda bolmagy hem ýurdumyzda ýaşlar barada edilýän aladalara bank tarapyndan mynasyp goşant goşulýandygynyň subutnamasydyr.

Belläp geçişimiz ýaly, häzirki wagtda ýaşlary goldamak, olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ýaş telekeçileriň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, üstünlikli okamaklary üçin zerur mümkinçilikleri döretmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Bu ugurda alnyp barylýan işler olaryň durmuşyna özüniň oňyn täsirini ýetirip, öz hünärlerini kämilleşdirmäge, yhlas bilen zähmet çekmeklerine, okamaklaryna höweslendirýär. Şu babatda döwlet tarapyndan alnyp barylýan işlerde ýurdumyzyň karz edaralarynyň hem paýynyň bolmagy, bu ulgamyň hünärmenleriniň öňünde yzygiderli täze wezipeleri kesgitleýär. Çünki, ýaşlar – ýurduň geljegi. Öz geljegiň hakda bolsa, örän oýlanyşykly işleri alyp barmak biziň halkymyzyň köpasyrlyk ygrarly bolup gelýän ýol-ýörelgesidir. Bu ugurdaky işler häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen has-da depginli ösüşlere eýe bolýar. Ýaş telekeçilere berilýän goldawyň has-da artmagy bolsa bank ulgamynyň öňünde goýulýan işleriň täze bir derejä çykmagyna şert döredýär.

Biz bank ulgamynyň wekilleri, hormatly Prezidentimiziň türkmen ýaşlaryny goldamak, olaryň öz öňlerinde goýan maksatlaryna ýetmekleri üçin zerur şertleri döretmek baradaky başlangyçlaryndan ugur alyp, mundan beýläk hem yhlasly zähmet çekeris. Giň gözýetimli, watansöýüji ýaşlaryň kemala gelmeginde öz mynasyp goşandymyzy goşarys.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda ýurdumyzy bedew bady bilen ösüşlerden-ösüşlere, üstünliklerden-üstünliklere alyp barýan Arkadagly Serdarymyzyň, Milli Liderimiz - Gahryman Arkadymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli döwletli işleri rowaçlyklara beslensin!

**Altyn DURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik
bankynyň Amallara gözegçilik we
maliýe monitoringi bölüminiň baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZDE IŞ ÜPJÜNÇILIGI ÝOKARLANÝAR

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Halkymyzyň esasy böleginiň, has hem çet-gyradaky sebitlerde ýaşaýan ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge gönükdirilen maýa goýum syýasatyny işjeňleşdireris» diýip aýdanlaryndan ugur alyp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuşy-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ilatyň iş bilen üpjünçilik meseleleri boýunça birnäçe wezipeler kesgitlenendir.

Hormatly Prezidentimiziň: «Watan diňe halky bilen Watandyr, Döwlet diňe halky bilen döwletdir» diýip belleýişi ýaly, halkyň bähbidine gönükdirilen syýasat döwletiň ykdysady ösüşinde belent sepgitlere ýetirmäge ýardam berýär. Ýurdumyzda raýatlaryň iş bilen üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmak hem-de täze iş orunlaryny döretmek babatda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeler bilen, uzakmöhletleýin maksatnamalar amala aşyrylýar.

Täze iş orunlarynyň döredilmeginde ýurdumyz tarapyndan kabul edilýän çözgütler bilen zähmet bazarlary işe girizilýär, kärhanalarda, pudaklarda we senagat toplumlarynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan täze önümleriň dürli görnüşleri öndürilýär. Işçileri hünärleri boýunça önümçilikde ýerleşdirmegiň guramaçylyk esaslary gowulandyrylýar.

Ýurdumyzda ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça döwlet tarapyndan amala aşyrylýan özgertmeleriň kanunçylyk binýady pugtalandyrylýar. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanda ýaşlary zähmet bazaryna uýgunlaşdyrmagyň we olaryň iş bilen üpjünçiligini kämilleşdirmegiň Maksatnamasynda» ýurdumyzda raýatlaryň iş bilen üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmak we täze iş orunlaryny döretmek babatynda amala aşyrylmaly işler barha ýaýbaňlandyrylýar.

Ilatyň iş bilen üpjünçiligi her bir ýurdyň ykdysady we durmuş taýdan durnukly ösüşine täsirini ýetirmek bilen, ykdysadyýetiň öndürijiligini ösdürmek we jemgyýetde jebisligi berkitmek ýaly örän möhüm durmuş meseleleri bilen berk baglydyr. Ýurdumyzyň zähmet gorlaryny netijeli dolandyrmak, raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklarynyň göwnejaý amala aşyrylmagy üçin şertleri döretmek boýunça çärelere döwlet syýasatynda uly orun berilýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralarynyň biri bolan Halkara Zähmet guramasynyň agzasy hökmünde Türkmenistan bu ugurda halkara konwensiýalarynyň 8-ne goşulyp, guramanyň düzgünleriniň bütin dünýäde ykrar edilen ölçeglerini milli kanunçylyga görä umumylaşdyryp hem-de onuň ýörelgelerini goldanyp, zähmet kanunçylygyny kämilleşdirýär, zähmete, hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga hukugy amala aşyrmaga gönükdirilen hukuk kadalaryny yzygiderli döwrebaplaşdyrýar. Ýurdymyz Halkara zähmet gurmasynyň «Halkara zähmet kadalary», «Iş bilen üpjünçilik çygryndaky syýasat hakynda» konwesiýalaryndan ugur alyp, durmuş syýasatynda hemmeler üçin mynasyp zähmet we durmuş adalatlylygy üçin şertleri döretmäge ygrarly bolmagynda galýar. Ilatyň iş bilen meşgul bolma-

gynyň derejesiniň, zähmet gorlarynyň hiliniň we ykdysady işjeňliginiň ýokarlandyrylmagyny düzgünleşdirýän çäreleri, şol sanda Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmek boýunça döwlet maksatnamalarynda kesgitlenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirýär.

Arkadagly Serdarymyz geçen ýylyň 23-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Döwlet Maslahatynda döwlet syýasatynda raýatlarymyzyň zähmet we iş üpjünçilik ugrundaky konstitusion hukuklaryny üpjün etmäge, ilatymyzyň işsizlikden goraglylygyna gönükdirilen çärelere hem uly orun berilýändigini, bu ugurda goşmaça iş orunlarynyň döredilip, ilatyň iş üpjünçiligi ulgamynyň kämilleşdirilýändigine aýratyn ünsi çekip, geljek ýediýylda 278,9 mlrd manatdan gowrak maýa goýumlarynyň özleşdirlip, ýurdumyzyň önümçilik kuwwatynyň has-da pugtalandyryljakdygyny, bu döwürde zähmet haklarynyň möçberiniň 1,8 esse artdyrylyp, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda 30 müňe golaý goşmaça iş orunlarynyň dörediljekdigini belledi. Durmuşa geçirilýän we ornaşdyrylýan maksatnamalaýyn işleriň çäklerinde, ýakyn geljekde milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda göz öňünde tutulýan ugurlar boýunça täze iş orunlarynyň ýüzlerçesiniň yzygiderli döredilmegi guwandyryjy ýagdaýdyr.

Munuň özi ýurdumyzyň makroykdysady görkezijisi bolan jemi içerki önümiň ösüşine oňyn täsir etmek bilen, işsizligiň pes derejesiniň üpjün edilmegine hem-de ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da gowulanmagyna ýardam berýär.

Makroykdysady görkezijilerde ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, işsizligi peseltmek ýa-da aradan aýyrmak boýunça döwlet tarapyndan täze gurallaryň ulanylmagy we çäreler toplumynyň işlenilip düzülmegi hem-de bu işleriň amala aşyrylmagy döwrüň talabydyr.

Eýeçiligiň görnüşine garamazdan, hereket edýän ähli edara-kärhanalar tarapyndan hünärine degişlilikde bar bolan boş iş orunlary baradaky maglumatlary gyzyklanýan taraplara yzygiderli habar berilmeginiň kämilleşdirilmegi bilen, ýurdumyzyň bu ugurda ygtyýarly edarasy bolan Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ýörite internet web saýtynda iş upjünçiligi babatynda maglumatlary almaklyga, ýerleşdirmeklige mümkinçilikler döredildi.

Şeýle hem gündelik neşirlerde hünärmen ýa-da işgär zerurlygy boýunça bildirişleriň yzygiderli çap edilmegi we ýurdumyzyň sebitlerinde zähmet biržasynyň geçirilip durulmagy bu ugurlarda alnyp barylýan işleriň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagy, halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş derejesini we alýan girdejilerini ýokarlandyrýar.

Ýurdumyzda bu ugurda alnyp barylýan düýpli durmuş özgertmeleriniň hatarynda raýatlary durmuş taýdan goramak, ilatyň girdejilerini yzygiderli ýokarlandyrmak, medeni-durmuş ulgamyny netijeli ösdürmek, ýaşaýyş-jaý üpjünçiligini has-da gowulandyrmak babatda amal edilýän işlerden raýatlarymyz kanagatlanma tapýarlar.

Raýatlaryň zähmet çygryndaky hukuklaryny üpjün etmek we ilatyň girdejilerini ýokarlandyrmak hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň-Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygarynyň dowamy bolan «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgesi esasynda amala aşyrylýan durmuş syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokary derejesini üpjün etmek wezipesinden ugur alnyp, her ýyl ýurdumyzda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet komek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Iş bilen meşgul bolýanlaryň esasy toparynyň hususy pudakda zähmet çekmegi bolsa ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmäge aýratyn üns berilýändigini subut edýär.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan adamlaryň öz-özi üçin iş ýerlerini döredýän, uly bolmadyk möçberlerde önüm öndürýän, hyzmatlary teklip edýän kiçi we orta telekeçilere salgyt goldawyny bermek, ýeňillikli bellige almak, ygtyýarnama bermek bilen, täze iş orunlarynyň döredilmegine, haryt söwda dolanşygynyň çaltlandyrylmagyna, salgytlardan gelip gowuşýan serişdeleriň artdyrylmagyna oňaýly şertleri döredýän ulgamy ösdürmek möhüm wezipe hökmünde kesgitlendi.

Makroykdysady görkeziji bolan jemi içerki önümde hususyýetçiligiň paýynyň ýokary bolmagynyň esasy wezipe hökmünde kesgitlenilmegi, iş bilen üpjünçilik meselesinde, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda döwlete dahylsyz böleginiň tutýan ornunyň uludygyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda milli ykdysadyýetimizde ýaşlaryň hünär taýýarlygyny we iş bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmakda, milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakda ýadawsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli durmuşa geçirýän işleriniň elmydama rowaç almagyny arzuw edýäris!

**Amangül BAÝRAMMYRADOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň mugallymy

# MAÝA GOÝUMLARYŇ MILLI YKDYSADYÝETDÄKI ÄHMIÝETI

Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan oýlanyşykly maýa goýum syýasaty ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösdürilmegine, ykdysady mümkinçilikleriň artdyrylmagyna hem-de halkymyzyň durmuş hal-ýagdaýynyň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir.

Milli ykdysadyýetimiziň ösüşinde maýa goýumlar wajyp ähmiýete eýedir. Döwletiň durmuşa geçirýän bu syýasaty maýa goýum işini işjeňleşdirmek, ykdysady ösüşi, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak we ilatyň durmuş meselelerini oňyn çözmek maksady bilen amala aşyrylýan hojalyk işleriniň toplumydyr. Milli ykdysadyýetimize çekilýän maýa goýumlaryň esasy aýratynlygy ýerli maýa goýumlaryň, döwlet býujetiniň serişdeleriniň ýokary bolmagyna oňyn şert döredýär.

Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyza maýa goýumlary çekmek we olaryň möçberini artdyrmak babatynda alnyp barylýan işiň çäklerinde ýurdumyzyň bank ulgamynyň tutýan orny örän uludyr. Maýa goýum syýasatynyň durmuşa geçirilmeginde, daşary ýurt maliýe serişdeleriniň ýurdumyzyň ykdysady pudaklaryna yzygiderli çekilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan möhüm işler alnyp barylýar.

Maýa goýumlar babatda, halkara gatnaşyklary ilerletmekde Türkmenistan ygtybarly hyzmatdaş hökmünde bütin dünýäde ykrar edilýär. Diýarymyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşyndaky asudalyk, döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesi, durnukly durmuş-ykdysady ösüşimiz, ýurdumyzda döwrebap ulag-aragatnaşyk infrastrukturasynyň hereket etmegi, daşary ýurt maýa goýumlarynyň kanun taýdan goraglylygy, maýadarlary höweslendirmek üçin berilýän salgyt we gümrük ýeňillikler bu ugurdaky işleriň rowaçlanmagyna ähli mümkinçilikleri döredýär. Alnyp barylýan oýlanyşykly maýa goýum syýasatynyň netijesinde Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň ösüş depgini gazanylýar. Daşary ýurtlara iberilýän harytlaryň görnüşleriniň artmagy netijesinde daşary söwda dolanyşygynyň oňyn tapawudy emele gelýär.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň maýa goýum syýasatynda we onuň düzüm bölegi bolup durýan daşary ýurt maýa goýum işinde düýpli özgerişlikler amala aşyrylýar. Munuň şeýledigini diňe bir daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň mukdar taýdan köpelmegi bilen däl, eýsem hil taýdan täze derejä çykarylmagy bilen hem düşündirip bolýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň işjeňlik derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen halkara talaplaryna laýyk gelýän kanunçylygyň kabul edilmegi we ykdysady amatlyklaryň döredilmegi bu işiň ilerlemegine badalga berýär. Daşary ýurt maýa goýumlary ýurdumyzyň ykdysadyýetine esasan iki görnüşde: daşary ýurt pul we göni maýa goýum görnüşinde çekilýär. Biziň döwletimizde daşary ýurtlardan göni maýa goýum çekmeklige aýratyn ähmiýet berilýär, bu bolsa öz gezeginde birnäçe durmuş-ykdysady meseleleri üstünlikli çözmäge we ýurdumyzyň kuwwatyny, şonuň ýaly hem halkara derejesindäki abraýyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanda işjeň ýagdaýda alnyp barylýan daşary ýurt maýa goýum syýasatyna dünýäniň iň abraýly guramalarynyň biri bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ýokary baha berilýär. Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiz göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde dünýä döwletleriniň hatarynda öňdäki orny eýeleýär.

Ýurdumyzda maýa goýumlary goýýan daşary ýurt döwletleriniň arasynda: Hytaý Halk

Respublikasy, ABŞ, Ýaponiýa, Russiýa Federasiýasy, Türkiýe ýaly döwletler aýratyn tapawutlanýar. 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ýurt boýunça özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi 2 mlrd manatdan geçdi we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireniňde 9,1 göterim artdy. Häzirki wagtda ýurdumyzda 37,4 mlrd manat möçberde düýpli maýa goýumlaryň goýulmagyna garaşylýar.

Jemläp aýdanymyzda, maýa goýum işi diýlende, döwletiň fiziki we ýuridik taraplarynyň maýa goýumlaryny durmuşa geçirmek barada edýän tejribeleýin hereketleriň tutuş jemine düşünilýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan maliýe we bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejelerine ýetirmäge gönükdirilendir. Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun! Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Gurbanbibi PÜRLIÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 марта 2023 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
### Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
### Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 марта 2023 года




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
### Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
### Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 марта 2023 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.03.2022 | 01.01.2023 | 01.03.2023 | 01.03.2023<br>01.01.2023-e, %-de | 01.03.2023<br>01.03.2022-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **10** | **10** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **6 562 437** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 562,8** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 417,8** | **6 782,9** | **6 842,9** | *100,9* | *106,6* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **9 720,03** | **16 389,77** | **15 331,58** | *93,5* | *157,7* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **79 454,80** | **88 926,48** | **88 874,14** | *99,9* | *111,9* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **40 038,66** | **41 735,64** | **41 253,23** | *98,8* | *103,0* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом***

## 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **23** | 3 | 9 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **50** | 7 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **31** | 4 | 7 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **13** | 1 | 2 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **147** | **16** | **26** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 марта 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **5** | 1 | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **2** | 1 | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **26** | **4** | **2** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 марта 2023 г.

*müň manat / тыс. манат*

| Bellige alnan karz edaralar<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки | 2 200 537,9 | 32,16 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки | 1 787 820,5 | 26,13 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков | 4 571,0 | 0,07 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | 2 850 000,0 | 41,65 |
| **Jemi / Всего** | **6 842 929,4** | **100,0** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň fewral aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в феврале 2023 года

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года | 5,0 % |

## 2023-nji ýylyň fewral aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
### Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в феврале 2023 года

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяца | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца | 4,0 % |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
### Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

| Hereket eden döwri<br>Период действия | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,% | Esas<br>Основание |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г. |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г. |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г. |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г. |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г. |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г. |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г. |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г. |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г. |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов | Bellikler<br>Примечания |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 10% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 11.02.2015 | 5% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 12% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 6% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 9% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

## Londonyň gymmat bahaly metallar bazarynyň assosiasiýasy (LBMA) tarapyndan irdenki söwdada bellenilen nyrhy boýunça 2023-nji ýylyň fewral aýyndaky gymmat bahaly metallaryň 1 (bir) unsiýasynyň türkmen manadyna bolan gatnaşyklarynyň sanawy

## Перечень цен драгоценных металлов за 1 (одну) унцию по результатам утренних торгов Лондонской Ассоциации рынков драгоценных металлов (LBMA) по отношению к туркменскому манату, действительных в феврале 2023 года

*manat /манат*

| | Altyn / Золото | Kümüş / Серебро | Platina / Платина | Palladiý / Палладий |
|---|---|---|---|---|
| 01.02.2023 | 6 739,6000 | 82,2325 | 3 524,5000 | 5 733,0000 |
| 02.02.2023 | 6 842,1500 | 85,5225 | 3 552,5000 | 5 848,5000 |
| 03.02.2023 | 6 685,0000 | 82,2150 | 3 598,0000 | 5 911,5000 |
| 06.02.2023 | 6 557,2500 | 78,3300 | 3 416,0000 | 5 572,0000 |
| 07.02.2023 | 6 558,3000 | 77,7175 | 3 402,0000 | 5 547,5000 |
| 08.02.2023 | 6 582,6250 | 78,5750 | 3 465,0000 | 5 848,5000 |
| 09.02.2023 | 6 587,3500 | 78,6275 | 3 433,5000 | 5 827,5000 |
| 10.02.2023 | 6 524,3500 | 77,4025 | 3 342,5000 | 5 631,5000 |
| 13.02.2023 | 6 504,7500 | 76,9475 | 3 286,5000 | 5 404,0000 |
| 14.02.2023 | 6 511,7500 | 75,9850 | 3 339,0000 | 5 449,5000 |
| 15.02.2023 | 6 424,0750 | 75,1450 | 3 244,5000 | 5 162,5000 |
| 16.02.2023 | 6 430,5500 | 75,4775 | 3 206,0000 | 5 120,5000 |
| 17.02.2023 | 6 385,7500 | 74,2525 | 3 227,0000 | 5 180,0000 |
| 20.02.2023 | 6 454,7000 | 75,9850 | 3 230,5000 | 5 257,0000 |
| 21.02.2023 | 6 416,2000 | 76,2125 | 3 255,0000 | 5 246,5000 |
| 22.02.2023 | 6 417,0750 | 76,5100 | 3 314,5000 | 5 271,0000 |
| 23.02.2023 | 6 394,3250 | 75,3200 | 3 335,5000 | 5 152,0000 |
| 24.02.2023 | 6 384,3500 | 73,8150 | 3 290,0000 | 5 054,0000 |
| 27.02.2023 | 6 331,6750 | 72,5550 | 3 213,0000 | 4 942,0000 |
| 28.02.2023 | 6 335,7000 | 71,8375 | 3 286,5000 | 5 015,5000 |

***Halkara amallar müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Международных операций***

Görkezilen gatnaşyklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olar boýunça gymmat bahaly metallary satyn almak ýa-da satmak borçnamalaryny göz öňüne tutmazdan bellenildi.

Цены установлены без обязательств Центрального банка Туркменистана покупать или продавать указанные драгоценные металлы по данным ценам

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda berlen karzlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
### Средние процентные ставки по кредитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам |
| **ýanwar, 2023**<br>**январь, 2023** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования | | | | | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца | | | | | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца | | | | | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца | 2,0 | | | 12,0 | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца | | 10,0 | | 5,0 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г. | 7,0 | 10,4 | 7,1 | 10,7 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda çekilen goýumlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
### Средние процентные ставки по депозитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам |
| **ýanwar, 2023**<br>**январь, 2023** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования | | 3,08 | | 2,9 | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца | | | | 1,0 | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца | | 8,2 | | 4,0 | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца | | 9,0 | | 9,0 | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца | 0,2 | 9,3 | | 9,5 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г. | 5,0 | 10,9 | | 9,8 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan milli pulda berlen karzlar we olaryň göterim derejeleri
### Кредиты в национальной валюте, предоставленные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Показатели | 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в январе 2023 г. | |
|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>Средний процент (%) |
| **Jemi berildi**<br>**Выдано, всего** | **419,63** | **4,64** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 254,35 | 3,34 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 165,28 | 6,64 |
| **Jemi berlen karzlardan:**<br>**Из общей суммы кредитов:** | | |
| **Gysga möhletli, jemi**<br>**Краткосрочные, всего** | **34,13** | **2,63** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 34,11 | 2,62 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 0,02 | 7,54 |
| **Uzak möhletli, jemi**<br>**Долгосрочные, всего** | **385,50** | **4,82** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 220,24 | 3,45 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 165,26 | 6,65 |

## Karz edaralary tarapyndan milli pulda çekilen goýumlar we olaryň göterim derejeleri
### Депозиты в национальной валюте, привлеченные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Görkezijiler<br>Показатели | 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в январе 2023 г. | |
|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) |
| **Jemi çekilen:**<br>**Привлечено всего:** | **13 205,30** | **0,52** |
| **Talap edilýänçä**<br>**До востребования** | **13 108,84** | **0,49** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 11 097,59 | 0,02 |
| raýatlar<br>физические лица | 2 011,26 | 3,14 |
| **Möhletli**<br>**Срочные** | **96,46** | **3,87** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 58,82 | 0,29 |
| raýatlar<br>физические лица | 37,64 | 9,48 |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Türkmenistanyň karz edaralarynyň jemlenen jebislendirilen balansy
### Сводный консолидированный баланс кредитных учреждений Туркменистана

*müň manat / тыс. манат*

| | 01.03.2022 | 01.01.2023 | 01.03.2023 | 01.03.2023 ý.<br>01.03.2022 ý.<br>%-de |
|---|---|---|---|---|
| **IŞJEŇLER / АКТИВЫ** | | | | |
| Kassa we oňa deňlenen serişdeler<br>Касса и приравненные к ней средства | 656 714,91 | 703 374,27 | 859 622,51 | *130,90* |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk we ätiýaçlyk hasaplaryndaky serişdeler<br>Корреспондентские счета в Центральном банке Туркменистана и средства на резервных счетах | 15 934 660,22 | 22 877 241,79 | 21 183 870,22 | *132,94* |
| Karz edaralara, kärhanalara, guramalara we raýatlara goýberilen karzlar<br>Кредиты, предоставленные кредитным учреждениям, предприятиям, организациям и гражданам | 110 850 954,54 | 119 081 280,53 | 119 561 561,53 | *107,86* |
| Esasy serişdeler we maýa goýumlary<br>Основные средства и инвестиции | 1 670 594,65 | 1 687 078,15 | 1 687 220,20 | *101,00* |
| Gaýry işjeňler<br>Прочие активы | 11 227 402,43 | 9 968 712,28 | 10 793 967,32 | *96,14* |
| **JEMI IŞJEŇLER / ВСЕГО АКТИВОВ** | **140 340 326,74** | **154 317 687,02** | **154 086 241,79** | ***109,79*** |
| **IŞJEŇ DÄLLER / ПАССИВЫ** | | | | |
| Hususy serişdeler<br>Собственные средства | 11 048 693,73 | 12 298 158,90 | 12 297 543,84 | *111,30* |
| Karz alnan we çekilen serişdeler<br>Привлеченные и заемные средства | 109 074 211,05 | 119 989 633,43 | 119 666 993,68 | *109,71* |
| Karz çeşmeler boýunça şahamçalar bilen özara hasaplaşyklar<br>Взаимные расчеты с филиалами по кредитным ресурсам | 15 502 364,75 | 18 094 916,82 | 18 610 534,19 | *120,05* |
| Gaýry işjeň däller<br>Прочие пассивы | 4 715 057,21 | 3 934 977,87 | 3 511 170,07 | *74,47* |
| **JEMI IŞJEŇ DÄLLER / ВСЕГО ПАССИВОВ** | **140 340 326,74** | **154 317 687,02** | **154 086 241,79** | ***109,79*** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
***Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary barada maglumat

### Информация об остатке задолжностей кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте предприятиям, организациям, населению

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2022 | | | | 01.01.2023 | | | | 01.03.2023 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | 01.03.2023 ý.<br>01.03.2022 ý.<br>%-de | şol sanda / в том числе: | | |
| | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные | | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные |
| Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте, предприятиям, организациям, населению | **79 454,8** | **3 746,2** | **75 287,6** | **421,0** | **88 926,5** | **5 267,8** | **83 633,2** | **25,5** | **88 874,1** | **111,9** | **4 346,3** | **84 487,9** | **40,0** |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов выданные предприятиям и организациям государственной собственности | **54 328,2** | 3 461,6 | 50 474,7 | 391,9 | **57 688,8** | 4 975,0 | 52 713,0 | 0,7 | **57 777,6** | 106,3 | 4 055,1 | 53 721,8 | 0,7 |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности | **9 242,6** | 242,9 | 8 972,0 | 27,8 | **12 154,6** | 250,6 | 11 879,6 | 24,3 | **11 901,6** | 128,8 | 243,6 | 11 633,7 | 24,3 |
| Raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов физическим лицам и предпринимателям без образования юридического лица | **15 884,0** | 41,7 | 15 840,9 | 1,4 | **19 083,1** | 42,2 | 19 040,6 | 0,4 | **19 195,0** | 120,8 | 47,5 | 19 132,5 | 15,0 |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций***

## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini
### Темпы роста средств на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2022 | | | 01.01.2023 | | | 01.03.2023 | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | 01.03.2023 ý.<br>01.03.2022 ý.<br>%-de |
| Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях | **38 052,09** | **15 541,11** | **53 593,20** | **40 308,50** | **16 892,96** | **57 201,46** | **40 609,46** | **16 513,08** | **57 122,54** | *106,6* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий и организаций государственной собственности | 21 800,78 | 14 506,67 | **36 307,45** | 24 821,17 | 15 705,69 | **40 526,86** | 26 234,79 | 15 406,33 | **41 641,12** | *114,7* |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий, организаций негосударственной собственности и населения | 16 251,31 | 1 034,44 | **17 285,75** | 15 487,33 | 1 187,27 | **16 674,60** | 14 374,67 | 1 106,76 | **15 481,43** | *89,6* |
| şol sanda:<br>raýatlaryň we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler<br>в том числе:<br>Средства физических лиц и предпринимателей без образования юридического лица | 4 895,03 | 475,32 | **5 370,35** | 5 194,03 | 493,79 | **5 687,83** | 4 240,20 | 504,83 | **4 745,03** | *88,4* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary
### Вклады населения в кредитных учреждениях Туркменистана

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2022 | | | 01.01.2023 | | | 01.03.2023 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | 01.03.2023 ý. - 01.03.2022 ý.<br>%-de | Talap edilýänçä<br>До востребования | 01.03.2023 ý. - 01.03.2022 ý.<br>%-de | Möhletli<br>Срочные | 01.03.2023 ý. - 01.03.2022 ý.<br>%-de |
| Döwlet täjirçilik banklarynda<br>В государственных коммерческих банках | **1 782,2** | 1 528,5 | 253,7 | **1 855,6** | 1 578,5 | 277,1 | **1 735,2** | *97,4* | 1 455,7 | *95,2* | 279,6 | *110,2* |
| Paýdarlar täjirçilik banklarynda<br>В акционерно-коммерческих банках | **1 013,2** | 834,4 | 178,8 | **1 136,2** | 937,3 | 198,9 | **1 042,8** | *102,9* | 835,3 | *100,1* | 207,5 | *116,0* |
| Daşary ýurt banklarynyň şahamçalarynda<br>В филиалах иностранных банков | **0,4** | 0,4 | | **0,4** | 0,4 | | **0,4** | *83,4* | 0,4 | *83,4* | | |
| **Jemi / Итого** | **2 795,8** | **2 363,3** | **432,5** | **2 992,2** | **2 516,2** | **476,0** | **2 778,4** | *99,4* | **2 291,3** | *97,0* | **487,0** | *112,6* |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan terminallar, bankomatlar hem-de bank kartlary boýunça maglumat
### Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана терминалах, банкоматах и банковских картах по состоянию на 1 марта 2023 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкомат | Terminallar<br>Терминал | Ahal welaýaty<br>Ахалский велаят | | | Aşgabat<br>Ашхабад | | | Balkan welaýaty<br>Балканский велаят | | | Daşoguz welaýaty<br>Дашогузский велаят | | | Lebap welaýaty<br>Лебапский велаят | | | Mary welaýaty<br>Марыйский велаят | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 1 | 6 | 1 | | 1 | | 1 | 1 | 1 | | 1 | | | 1 | | | 1 | | | 1 | |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 1 020 178 | 437 | 8 085 | 71 638 | 41 | 856 | 478 051 | 205 | 3 357 | 154 520 | 64 | 1 225 | 73 766 | 26 | 548 | 112 835 | 49 | 1 128 | 129 368 | 52 | 971 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 565 174 | 357 | 5 666 | 8 397 | 7 | 109 | 199 861 | 92 | 1 199 | 124 488 | 81 | 923 | 39 604 | 35 | 776 | 109 463 | 76 | 1 300 | 83 361 | 66 | 1 359 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 604 684 | 143 | 7 737 | 43 340 | 11 | 877 | 220 130 | 67 | 2 413 | 38 932 | 5 | 742 | 46 483 | 9 | 1 036 | 161 322 | 25 | 1 347 | 94 477 | 26 | 1 322 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 1 870 399 | 1 022 | 8 934 | 289 131 | 180 | 1 102 | 30 519 | 19 | 424 | 115 022 | 89 | 1 163 | 461 542 | 196 | 1 729 | 419 344 | 263 | 2 527 | 554 841 | 275 | 1 989 |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-Турецкий АКБ | 112 417 | 10 | 1 768 | | | | 105 792 | 5 | 1210 | | | | 959 | 1 | 84 | 3 088 | 3 | 232 | 2 578 | 1 | 242 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 161 207 | 20 | 3 937 | | | | 102 607 | 12 | 2 157 | 12 541 | 2 | 354 | 10 553 | 2 | 441 | 18 437 | 2 | 440 | 17 069 | 2 | 545 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 411 632 | 92 | 4 606 | 19 723 | 5 | 158 | 207 403 | 16 | 2 006 | 69 970 | 19 | 875 | 29 655 | 12 | 692 | 34 648 | 20 | 345 | 50 233 | 20 | 530 |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 487 333 | 50 | 1 213 | | | 36 | 448 674 | 32 | 809 | 38 659 | 18 | 326 | | | 19 | | | 11 | | | 12 |
| **Jemi / итого** | **5 233 025** | **2 137** | **41 947** | **432 229** | **245** | **3 138** | **1 793 038** | **449** | **13 576** | **554 132** | **279** | **5 608** | **662 562** | **282** | **5 325** | **859 137** | **439** | **7 330** | **931 927** | **443** | **6 970** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

**01.01.2023 - 01.03.2023 seneleri aralygynda bank kartlary boýunça nagt we nagt däl pul dolanyşygy**
**Наличный и безналичный денежный оборот по банковским картам на период с 01.01.2023 по 01.03.2023 года**

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Jemi / Итого | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Amallaryň sany<br>Количество операций | Nagt almak (manat) / Снятие наличных (манат) | | Nagt däl hasaplaşyk (manat) / Безналичный расчет (манат) | | | | | |
| | | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | «Internet-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Интернет-банк» | «Mobil-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Мобильный-банк» | «Elektron-söwda» ulgamlary arkaly<br>Через системы «Электронной коммерции» | «Halkbank terminal» ulgamy arkaly<br>Через систему «Халкбанк терминал» |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 10 550 | 3 920 580 | 859 628 | 565 468 | | | | | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 329 528 | 57 242 495 | | | 70 542 909 | 453 010 | | 1 620 469 | |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 2 240 481 | 367 813 430 | 144 687 | 4 298 702 | 257 362 295 | 5 663 | 70 295 | 3 | 65 997 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 3 640 483 | 929 843 205 | 6 378 948 | 21 827 379 | 647 464 856 | 51 429 | 1 192 405 | 6 | 2 467 213 |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 3 007 745 | 732 953 025 | 11 675 420 | 9 394 377 | 373 307 942 | 93 180 | 410 414 | 501 | 1 628 475 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 4 655 516 | 340 512 375 | 4 290 499 | 8 879 908 | 318 649 432 | 6 376 | 124 858 | 128 504 315 | 941 072 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 699 148 | 136 590 065 | 960 145 | 4 517 211 | 156 068 822 | 77 860 | 707 035 | 4 873 267 | |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-турецкий АКБ | 332 966 | 10 610 275 | 369 621 | 41 584 | 97 983 295 | 30 | 20 418 | 545 437 | |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 824 963 | 55 663 680 | 472 030 | 38 333 | 246 560 713 | | | 1 013 370 | |
| **Jemi / Итого** | **15 741 380** | **2 635 149 130** | **25 150 979** | **49 562 961** | **2 167 940 263** | **687 549** | **2 525 424** | **136 557 368** | **5 102 757** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*